TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTI
SERDAR BERDIMUHAMEDOW:
— BERKARAR DÖWLETIŇ TÄZE EÝÝAMYNYŇ GALKYNYŞY DÖWRÜNDE BIZIŇ ÝOLUMYZ BAGTYÝARLYGYŇ, BERKARARLYGYŇ ÝOLUDYR. GEÇMIŞIMIZI, ŞU GÜNÜMIZI WE GELJEGIMIZI BERK BAGLANYŞDYRYP, BIZ MUNDAN BEÝLÄK-DE BU ÝOL BILEN YNAMLY ÖŇE GIDERIS.

# TÜRKMEN UNIWERSITETI

Magtymguly adyndaky Türkmen döwlet uniwersitetiniň aýlyk gazeti | 1958-nji ýylda esaslandyryldy | Möçberi: 8 sahypa | 2025 | Sentýabr | #7/42

## MILLI BILIM ULGAMYNYŇ BATLY GADAMLARY



**1-nji sentýabrda** ýurdumyzyň ähli bilim edaralarynda 2025—2026-njy täze okuw ýylynyň başlanýandygyny alamatlandyrýan ilkinji jaň kakyldy. Asylly däbe görä, täze okuw ýylynyň ilkinji güni Garaşsyzlyk binasyna we Berdimuhamet Annaýew adyndaky Arkadag şäher mugallymçylyk orta hünär okuw mekdebindäki hem-de Gökdepe etrabynyň Yzgant şäherçesindäki 27-nji orta mekdepde ýerleşýän Berdimuhamet Annaýewiň ýadygärliklerine gül goýmak bilen başlandy.

1-nji sentýabrda ýurdumyzyň ähli okuw mekdepleri bilen bir hatarda, Magtymguly adyndaky Türkmen döwlet uniwersitetinde hem Bilimler we talyp ýaşlar güni dabaraly ýagdaýda bellenildi.

Dabaraly çäre uniwersitetiň himiýa fakultetiniň okuw binasynyň öňündäki meýdançada ýaýbaňlandyryldy. Baýramçylyk dabarasynda, ilki bilen, hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedowyň Gutlagy okaldy. Döwlet Baştutanymyzyň Gutlagynda ýaş nesillere bilimler we ylymlar dünýäsinde üstünlikler arzuw edilýär. Dabaranyň dowamynda ýokary okuw mekdebimiziň professor-mugallymlary, 1-nji ýyl talyplary çykyş etdiler. Şeýle-de talyp ýaşlaryň ýerine ýetirmeginde joşgunly aýdymlara, tanslara, edebi-sazly kompozisiýalara, çeper okaýyşlara uly orun berildi. Soňra täze — 2025—2026-njy okuw ýylynyň başlanýandygyny buşlaýan ilkinji jaň sesi ýaňlandy.

Ýurdumyzyň bilim edaralarynda ilkinji okuw sapagy Halkara parahatçylyk we ynanyşmak ýylyna hem-de şu ýylda 30 ýyllygy bellenilýän hemişelik Bitaraplygymyza bagyşlandy. Tejribeli mugallymlaryň alyp baran okuw sapaklarynda 2025-nji ýylda eziz Diýarymyzda gazanylýan üstünlikler boýunça giňişleýin durlup geçildi. Ýaş nesli milli we umumadamzat gymmatlyklarynyň iň gowy nusgalary esasynda terbiýelemek Gahryman Arkadagymyz tarapyndan başy başlanyp, häzirki wagtda hormatly Prezidentimiziň baştutanlygynda üstünlikli durmuşa geçirilýän özgertmeler syýasatynyň ileri tutulýan ugurlarynyň biridir. Şunuň bilen baglylykda, jemgyýetimiziň we döwletimiziň mundan beýläk-de ösmegi üçin möhüm binýady emele getirýän milli bilim ulgamyny kämilleşdirmäge aýratyn ähmiýet berilýär. Magtymguly adyndaky Türkmen döwlet uniwersitetinde hem Halkara parahatçylyk we ynanyşmak ýylynda döwür bilen aýakdaş gadam urlup, bu babatda uly üstünlikler gazanylýar. Milli bilim ulgamyna dünýä ölçegleriniň ornaşdyrylmagy bilen baglylykda, ýurdumyz Birleşen Milletler Guramasy bilen ynsanperwer ulgamda hyzmatdaşlygy barha giňeldýär. Türkmenistanda BMG-niň beýleki ugurdaş düzümleri bilen hem bilelikdäki işler alnyp barylýar. Magtymguly adyndaky Türkmen döwlet uniwersitetinde guralýan köp sanly çäreler munuň aýdyň mysalydyr. Şolaryň hatarynda BMG-niň ýurdumyzdaky edaralarynyň wekilleriniň hem-de halkara bilermenleriň gatnaşmagynda geçirilýän talyplaryň pikir alyşmalaryny, okuw sapaklaryny, ýörite sergileri, maslahatlar hem-de dünýä gün tertibiniň möhüm meseleleri boýunça «tegelek stol» görnüşinde guralýan duşuşyklary görkezmek bolar.

Soňky ýyllarda Türkmenistanda iň täze kompýuter tehnologiýalary we multimedia enjamlary bilen enjamlaşdyrylan döwrebap bilim edaralarynyň giň düzümi emele getirildi. Her ýyl Bilimler we talyp ýaşlar güni Diýarymyzyň dürli künjeklerinde täze bilim edaralarynyň açylyş dabaralary bilen utgaşýar. Eziz Watanymyzyň obadyr şäherlerinde täze, döwrebap orta mekdepleriň, çagalar baglarynyň dabaraly açylmagy bilim ulgamynyň dünýä ölçeglerine laýyklykda ösdürilýändigine, bu ugurda uly üstünlikleriň gazanylýandygyna aýdyň şaýatlyk edýär.

Hormatly Prezidentimiz tarapyndan kesgitlenen bilimiň hiliniň mundan beýläk-de ýokarlandyrylmagyna gönükdirilen ilkinji nobatdaky wezipeleriň hatarynda ýurdumyzyň ýokary okuw mekdeplerini bilim görkezijileri boýunça dünýäniň abraýly okuw mekdepleriniň sanawyna girizmek boýunça degişli işler görülýär. Golaýda Magtymguly adyndaky Türkmen döwlet uniwersitetiniň «Times Higher Education (THE)» abraýly halkara guramasynyň «Impact Rankings 2025» atly ýokary okuw mekdepleriniň bütindünýä reýtingine goşulmagy hem aýratyn bellenilmäge mynasypdyr. Bu reýting dünýäniň dürli künjeklerinde ýerleşýän ýokary okuw mekdepleriniň Birleşen Milletler Guramasynyň Durnukly ösüş maksatlaryna ýetmegine goşýan goşantlaryna baha berýär.

Täze okuw ýylynyň başlanmagy mynasybetli Magtymguly adyndaky Türkmen döwlet uniwersitetinde geçirilen dabaraly çäreler ýaş nesiller, olaryň bilim almagy, terbiýelenmegi we hemmetaraplaýyn sazlaşykly ösmegi ugrunda döwletimiziň ägirt uly işleri durmuşa geçirýändiginiň nobatdaky aýdyň güwäsidir.

**«Türkmen uniwersiteti».**

# Durmuş syýasaty — bagtyýar ýaşaýşyň kepili hökmünde

***Gahryman Arkadagymyzyň durmuş syýasaty we ýaşlaryň durmuş goraglylygy taglymatlarynyň ylmy esaslaryny öwrenmek häzirki döwürde biz mugallymlar üçin möhüm wezipe bolup durýar. Hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedowyň tagallasy bilen 2023–2024-nji okuw ýylynda Magtymguly adyndaky Türkmen döwlet uniwersitetinde we Seýitnazar Seýdi adyndaky Türkmen döwlet mugallymçylyk institutynda bakalawr maksatnamasy boýunça durmuş işi hünäriniň açylmagy ýaşlaryň dürli hünärleri ele almagyna uly mümkinçilikleriň döredilýändiginiň ýene bir mysalydyr.***

«Durmuş işi» hünärini okatmagyň baş maksady durmuş işi baradaky pikirleriň özboluşly aýratynlyklaryny türkmen ýaşlarynyň içgin öwrenmegini ýola goýmak bilen, olara dünýä jemgyýetçiliginiň häzirki şertlerinde adamzat ösüşiniň durmuş meseleleri, döwletiň ykdysady ösüşini hil taýdan täze derejä çykarmak, durmuş syýasatyna degişli düzümleriň bäsleşige ukyplylygyny ýokarlandyrmak, ähli ugurlarda sanlylaşdyrylan ulgamlary ornaşdyrmak, ilatyň ýaşaýyş-durmuş derejesini has-da gowulandyrmak boýunça netijeli işler alyp barmak ýaly meseleleri öwretmekden hem-de jemgyýetçilik gatnaşyklarynyň durmuş işine işjeň gatnaşmaga, özleriniň mynasyp orunlaryny tapyp, ukyply şahsyýetler bolup ýetişmeklerine ýardam etmekden ybaratdyr.

Durmuş syýasaty we ilatyň durmuş goraglylygy taglymatlary durmuş ugurly ykdysadyýet hem-de adam aňy bilen berk baglanyşyklydyr. Durmuş syýasaty — bu döwletiň alyp barýan içerki syýasatynyň möhüm ugurlarynyň biridir. Onuň maksady ýurduň ilatynyň esasy isleglerini kanagatlandyrmak üçin zerur şertleri döretmekden, jemgyýetde durmuş abadançylygyny üpjün etmekden ybaratdyr. Ilatyň durmuş goraglylygy — bu Türkmenistanda ilaty durmuş taýdan goramak zähmete ukypsyz adamlara, maýyplygy bolan adamlara, çagaly maşgalalara we beýleki adamlara pensiýalaryň, döwlet kömek pullarynyň tölenilmegi hem-de durmuş ýeňillikleriniň berilmegi görnüşinde maddy üpjünçilik we durmuş hyzmatlarynyň edilmegi boýunça döwlet ulgamyndan ybaratdyr.

Gahryman Arkadagymyzyň esaslandyran durmuş syýasaty we ýaşlaryň durmuş goraglylygy taglymatlarynyň we ýurduň ýola goýýan durmuş syýasatynyň mazmuny şu görnüşde diýip belläp bileris: ilatyň ýaşaýyş-durmuşyny ýokarlandyrmak we isleglerini kanagatlandyrmak; jemgyýetçilik ýaşaýyş-durmuş şertlerini gowulandyrmak; önümçiligi kämilleşdirmek, ilaty iş bilen üpjün etmek; durmuş taýdan goralmaly toparlara kömek bermek; durmuş düzümine degişli pudaklary, edaralary döretmek we kämilleşdirmek.




Şeýle-de durmuş işine degişli döwrüň talabyna laýyklykda hünärmenleri ýetişdirmek ýurdumyzyň döwlet syýasatynyň ileri tutýan möhüm ugurlarynyň biridir.

Şu mynasybetli 2023-nji we 2024-nji ýyllarda Magtymguly adyndaky Türkmen döwlet uniwersitetinde Birleşen Milletler Guramasynyň Çagalar gaznasynyň (ÝUNISEF) Özbegistandaky, Moldowadaky, Gruziýadaky wekilleriniň Türkmenistana iş saparlarynyň çäklerinde, ÝUNISEF-iň Aşgabatdaky durmuş syýasaty boýunça hünärmenleriniň, Magtymguly adyndaky Türkmen döwlet uniwersitetiniň mugallymlarynyň, Türkmenistanyň Zähmet we ilaty durmuş taýdan goramak ministrliginiň işgärleriniň hem-de talyp ýaşlaryň gatnaşmagynda okuw-maslahat sapaklary geçirilipdi.

Halkara parahatçylyk we ynanyşmak ýylynyň 9—16-njy fewraly we 2—4-nji sentýabr aralygynda Gruziýanyň Tbilisi döwlet uniwersitetiniň dosenti, durmuş işi boýunça bakalawr maksatnamasynyň ýolbaşçysy doktor Salome Namiçeişwiliniň Türkmenistana iş saparynyň çäklerinde «Durmuş işiniň usullary — durmuş işiniň usullaryny okatmakda innowasion çemeleşmeler» temasy boýunça okatmagyň usullary babatda umumy we söhbet sapaklary geçirildi. Sapaklaryň dowamynda «Durmuş işiniň zerurlygy», «Kompetentlilik diýmek näme?», bu adalgany durmuş işinde ulanmagyň ähmiýeti we häsiýetli aýratynlyklary, «subutnamalara esaslanýan usullar», «mikro, mezo, makro, ekzo ýaly gurşawlarda durmuş işine degişli usullaryň ulanylyşy», «sanly ulgam usuly», «meselelere gönükdirilen usullar», «toparlaýyn iş alyp barmagyň usullary» ýaly degişli meseleler boýunça işler alnyp baryldy. Durmuş işi boýunça hünärmenleriň öňünde durýan wezipeler, bu derse degişli ulanylýan halkara adalgalar, daşary ýurt alymlarynyň pikir-garaýyşlary barada beýan edildi.



Durmuş işi boýunça rus hünärmeni Kseniýa Bogamazowanyň alyp barmagynda okuw-usuly sapaklar geçirildi. Olarda durmuş işi boýunça iş maksatnamalary taýýarlamak, durmuş işi boýunça bilermenleri we hünärmenleri ýetişdirmek, durmuş işiniň esaslary, ähmiýeti we oýlanyşykly çekişme, durmuş işi we maýyplyk — amaly başarnyklar, etika, durmuş işi we maýyplykda — durmuş işgärleriniň orny, syýasy çäkler we öňde baryjy tejribeler, durmuş işini guramak we tejribelikleri geçmek bilen bagly işler barada pikir alyşmalar geçirildi.

Gahryman Arkadagymyzyň we hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedowyň janlarynyň sag, belent başlarynyň aman bolmagyny, alyp barýan döwletli işlerinde uly rowaçlyklary, üstünlikleri arzuw edýäris!

**Döwlet BAÝMYRADOW,**
**Magtymguly adyndaky Türkmen döwlet uniwersitetiniň jemgyýeti öwreniş ylymlary kafedrasynyň uly mugallymy, syýasy ylymlaryň kandidaty.**

**Sapargeldi KAKAJYKOW,**
**şol kafedranyň mugallymy.**

## Täzelikler

*23-nji iýun — 5-nji iýul aralygynda Magtymguly adyndaky Türkmen döwlet uniwersitetiniň durmuş işi hünäriniň talyplary Türkmenistanyň Zähmet we ilaty durmuş taýdan goramak ministrliginiň degişli edaralarynda önümçilik tejribeligini geçdiler.*

Önümçilik tejribeliginiň çäklerinde talyplar durmuş işi boýunça Gahryman Arkadagymyz tarapyndan esaslandyrylan Gurbanguly Berdimuhamedow adyndaky Howandarlyga mätäç çagalara hemaýat bermek boýunça haýyr-sahawat gaznasynyň iş ugurlaryna laýyklykda alnyp barylýan ähmiýetli işleriň aýratynlyklaryny özleşdirdiler.

Tejribelik döwründe sanly ulgam arkaly Birleşen Milletler Guramasynyň Çagalar gaznasynyň (ÝUNISEF) çäginde iş alyp barýan halkara bilermenler tarapyndan durmuş işi boýunça söhbetdeşlikler geçirildi, bu ugurdaky öňdebaryjy tejribeler boýunça pikir alşyldy. Önümçilik tejribeligi Türkmenistanyň Zähmet we ilaty durmuş taýdan goramak hem-de Bilim ministrlikleriniň ÝUNISEF-niň iş meýilnamasynda göz öňünde tutulan bilelikdäki taslamasynyň çäklerinde alnyp baryldy.

Önümçilik tejribeligini geçen talyplara, usulyýetçi mugallymlara, şeýle hem ýurdumyzda bu ugurda iş alyp barýan hünärmenlere ýörite şahadatnamalar gowşuryldy.



---

*4-nji iýulda Magtymguly adyndaky Türkmen döwlet uniwersitetinde Halkara parahatçylyk we ynanyşmak ýyly, Türkmenistanyň hemişelik Bitaraplygynyň şanly 30 ýyllygy mynasybetli «Ylym-bilim—ýurdumyzyň parahatçylyk söýüjilik syýasatynyň gözbaşy» atly aýdym-sazly wagyz-nesihat çäresi geçirildi. Oňa uniwersitetiň mugallymlary we talyplary gatnaşdylar.*

Wagyz-nesihat çäresiniň dowamynda mugallymlardyr talyplara Türkmenistanyň Demokratik partiýasynyň agzalyk şahadatnamalarynyň gowşurylyş dabarasy hem geçirildi.

Talyplar tarapyndan «Ylym — bu näme?» atly edebi-sazly kompozisiýa ýerine ýetirilip, «Bagtyýarlyk owazlary» medeni merkeziniň aýdymçylarynyň «Arkadagly Gahryman Serdarymyz», «Türkmeniň», «Türkmen binasy» ýaly aýdymlary çärä gatnaşyjylarda uly täsir galdyrdy.

Çäräniň dowamynda 15 — 19-njy iýun aralygynda küşt boýunça 8, 10 we 12 ýaşly türgenleriň arasynda guralan halkara ýaryşda meýletinçilik işlerini ýokary derejede alyp barandyklary üçin iňlis dili we edebiýaty fakultetiniň talyplary Türkmenistanyň Bedenterbiýe we sport baradaky döwlet komitetiniň Hormat hatlary bilen sylaglandylar. Şeýle hem daşary ýurt dillerini öwretmegiň innowasion usullaryny ulanmak boýunça geçirilen bäsleşige gatnaşan uniwersitetiň ýaş mugallymyna Magtymguly adyndaky Türkmen döwlet uniwersitetiniň Diplomy gowşuryldy.

---

*General-admiral F.M.Apraksin adyndaky Kaspi deňiz we derýa ulag institutynyň hem-de «Kaspi ylmy žurnaly» atly ylmy neşiriň bilelikde yglan eden «Iň gowy ylmy makala — 2025» atly halkara ylmy-barlag işleriniň bäsleşiginiň netijeleri jemlendi.*

Bäsleşik psihologiýa, pedagogika, tehnosfera howpsuzlygy, maglumat tehnologiýalary ugurlary boýunça geçirilip, oňa Russiýanyň, Hytaýyň we Türkmenistanyň ýokary okuw mekdepleriniň hem-de bilim edaralarynyň mugallymlary, talyplary we ylmy işgärleri tarapyndan 50 töweregi ylmy işler hödürlenildi.



Halkara ylmy-barlag bäsleşiginde Magtymguly adyndaky Türkmen döwlet uniwersitetiniň türkmen dili kafedrasynyň müdiri Gülruh Gurbanowa, şol kafedranyň mugallymy Aýjemal Hajyýewa, pedagogika kafedrasynyň mugallymy Meretdurdy Meretdurdyýew, psihologiýa kafedrasynyň mugallymlary Ýazgurban Işanowa we Söýli Orazowa «Psihologiýa. Pedagogika» ugry boýunça iň gowy ylmy makalalaryň awtorlary diýlip yglan edildi. Şeýle hem bäsleşigiň netijeleri boýunça redaksiýanyň geňeşiniň karary bilen, iň gowy makalalaryň awtorlaryna degişli ugurlar boýunça diplomlar gowşuryldy.

Ýeňijileriň işleri bäsleşigiň guramaçylyk toparynyň teklibi bilen «Kaspi ylmy žurnalynyň» ylmy neşirinde çap edilmäge we РИНЦ (Российский индекс научного цитирования) maglumat binýadyna ýerleşdirilmäge hödürlenildi.

---

*27-nji awgustda Magtymguly adyndaky Türkmen döwlet uniwersitetinde Bilimler we talyp ýaşlar güni mynasybetli «Hormatly Prezidentimiziň bilim ulgamyny döwrebap ösdürmek syýasaty — ýokary derejeli hünärmenleri taýýarlamagyň baş ýörelgesi» atly ylmy-amaly maslahat geçirildi.*

Maslahat öz işini umumy bölümde we bölümleriň 12-sinde dowam etdi. Olarda ýokary okuw mekdepleriň professor-mugallymlarynyň we talyplaryň, şeýle hem ylmy-barlag institutlaryň alymlarydyr aspirantlarynyň çykyşlarynyň 440-a golaýy diňlenildi.

Ylmy-amaly maslahat bilen ugurdaş türkmen halkynyň Milli Lideri Gahryman Arkadagymyzyň we hormatly Prezidentimiz Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň kitaplarynyň, uniwersitetiň professor-mugallymlarynyň okuw kitaplarynyň, gollanmalarynyň, monografiýalarynyň we ýurdumyzyň durmuş-ykdysady ösüşine bagyşlanan taslamalaryň hem-de programma üpjünçiligidir işläp düzmeleriň sergisi guraldy.

---



*16—17-nji iýulda* žurnalistika kafedrasynyň mugallymy M.Gaýypowa Ýewropada Howpsuzlyk we Hyzmatdaşlyk Guramasynyň Türkmenistandaky wekilhanasynyň Aşgabatdaky binasynda geçirilen «Gender meselelerini köpçülikleýin habar beriş serişdelerinde şöhlelendirmek» boýunça okuw maslahatyna gatnaşdy.

**«Türkmen uniwersiteti».**



### Ýaşlar we ylym

Alym Arkadagymyzyň alyp barýan öňdengörüjilikli syýasaty, döwrebap tehnologiýalaryň kömegi bilen milli ykdysadyýetimizi sanlylaşdyrmak we ýaşlaryň ýokary derejeli hünärmenler — alymlar bolmagy üçin, ylym we bilim pudagynda maddy-enjamlaýyn hem-de hukuk-kanunçylyk binýadynyň ösdürilip, ýaşlara innowasion ylmy-barlag işleri alyp barmaga, olaryň netijelerini önümçilige ornaşdyrylmagy bilen iň täze maglumat tehnologiýalaryny peýdalanmaklary ugrunda uly işler alnyp barylýar. Şunuň bilen birlikde Magtymguly adyndaky Türkmen döwlet uniwersitetinde hem ýaşlary ylma çekmäge, olaryň ylmy-barlag işleri we tejribe-konstruktorçylyk hem-de kompýuter tehnologiki taslamalary bilen meşgullanmaklary üçin doly şertler döredilýär. Ýaşlar özleriniň ylmy-barlag işleriniň netijeleri we taslamalary bilen dürli derejedäki ylmy-amaly maslahatlardyr bäsleşiklere işjeň gatnaşýarlar.

2024—2025-nji okuw ýylynda Magtymguly adyndaky Türkmen döwlet uniwersiteti tarapyndan halkara ylmy-amaly maslahatlaryň 4-üsi, döwlet derejesinde ylmy-usuly maslahatlaryň 8-si, sanly ulgam arkaly ylmy-amaly maslahatlaryň 2-si geçirildi. 2025-nji ýylda uniwersitetiň professor-mugallymlary we talyplary tarapyndan Türkmenistanyň Maliýe we ykdysadyýet ministrliginiň Intellektual eýeçilik boýunça döwlet gullugy tarapyndan oýlap tapyşyň (makalalar üçin) çäklendirilen patentiniň 10-usy alyndy. Olaryň 2-si ylmy işe, 2-si programma üpjünçiligine, 6-sy web programmasyna berlen patentlerdir.

M.W.Lomonosow adyndaky Moskwa döwlet uniwersitetiniň guramagynda Ýaşlaryň Halkara ylmy forumynyň çäklerinde talyplaryň, aspirantlaryň we ýaş mugallymlaryň arasynda «Lomonosow 2021» atly 32-nji Halkara ylmy maslahatyna uniwersitetiň ýaş mugallymlarynyňdyr talyplarynyň 25 tezisi iberildi.

Türkmenistanyň Ylymlar akademiýasy hem-de Magtymguly adyndaky Ýaşlar guramasynyň Merkezi Geňeşi tarapyndan ýaşlaryň arasynda 2025-nji ýylda yglan edilen ylmy bäsleşige gatnaşmak üçin Magtymguly adyndaky Türkmen döwlet uniwersitetiniň ýaş mugallymlarydyr talyplary tarapyndan 157 iş hödürlendi. Netijede işleriň 12-si ýeňiji diýlip yglan edildi. Olardan türkmen dili kafedrasynyň mugallymy Didar Amanmuhammedowy, dünýä taryhy kafedrasynyň mugallymy Şemşat Berdiýewany, türkmen edebiýaty kafedrasynyň aspiranty Aýgözel Işadowany bellemek bolar.

Hasabat döwründe uniwersitetiň Ýaş alymlar we hünärmenler geňeşiniň agzalary hem-de fakultetleriň dekanlarynyň ylmy işleri boýunça orunbasarlary bilen bilelikde uniwersitetiň kafedralarynda zähmet çekýän ýaş mugallymlaryň alyp barýan ylmy-barlag işleriň 300-üsine seljerme geçirildi, hasabatlary alyndy. Häzirki wagtda ýaş mugallymlaryň ählisiniň hasaba alnan temalary boýunça ylmy-barlag işlerini alyp barmaklary ugrunda degişli işler alnyp barylýar.

**S.ALLABERENOW,**
***umumy matematika kafedrasynyň mugallymy, Magtymguly adyndaky Türkmen döwlet uniwersitetiniň Ýaş alymlar we hünärmenler geňeşiniň başlygy.***

# Bilim işgärleriniň maslahaty geçirildi

**23-nji awgustda** Magtymguly adyndaky Türkmen döwlet uniwersitetinde «Halkara parahatçylyk we ynanyşmak ýyly» şygary bilen ýurdumyzyň bilim işgärleriniň maslahaty geçirildi. Maslahata bilim ulgamynyň işgärleri, mugallymlar gatnaşdylar.



Bu ýerde çykyş edenler hormatly Prezidentimiziň döwlet syýasatynyň möhüm ugry hökmünde bilimiň hiliniň we mazmunynyň dünýä ölçeglerine laýyklykda üpjün edilmegi, okuw-terbiýeçilik işindäki öňdebaryjy tejribeler nazara alnyp, ýaş nesliň aň-paýhas, beden hem-de ruhy taýdan sazlaşykly ösmegi, watançylygyň belent ruhunda terbiýelenmegi bilen baglanyşykly özgertmeler barada bellediler.

Çykyşlarda bilim ulgamynda geçen okuw ýylynyň jemleri seljerilip, täze okuw ýylynda öňde duran wezipeler ara alnyp maslahatlaşyldy. Ýurdumyzda durmuşa geçirilýän maksatnamalaýyn işlerde bilim ulgamyny ösdürmek babatda kesgitlenen wezipeler, şol sanda täze taryhy döwrüň talaplaryna laýyklykda, bilimiň mazmunyny baýlaşdyrmak we hilini täze derejelere çykarmak üçin kadalaşdyryjy-hukuk namalaryny, şeýle hem okuw dersleri boýunça dürli okuw-usuly gollanmalaryny işläp taýýarlamak, halkara tejribeleriň esasynda pedagogik işgärleri taýýarlamak, hünär ussatlyklaryny ýokarlandyrmak, halypa-şägirt gatnaşyklaryny ösdürmegiň gurallaryny kämilleşdirmek hem-de ulgamlaýyn dowam etdirmek babatda çykyşlar edildi.

Şonuň ýaly-da, halkara bilim giňişligindäki maglumat tehnologiýalary babatda gazanylanlar bilen ugurdaşlykda ýurdumyzda sanly bilimi ösdürmek, halkara bilim bäsleşiklerinde netijeli çykyş etmek bilen, ýurdumyzyň abraýyny dünýä ýaýýan zehinli okuwçylary hem-de talyp ýaşlary ýüze çykarmak, täze okuw ýylynda halkara ders olimpiadalarynyň gerimini giňeltmek, ýaşlary ylmy-döredijilik işlere hem-de geljekki hünärlere ugrukdyrmak barada giňişleýin bellenilip geçildi.

Bilim işgärleriniň maslahatynda daşary ýurt dillerini okatmagyň usulyýetini kämilleşdirmek ugrunda gazanylan netijelerdir öňde duran wezipeler, tebigy we takyk ylmy ugurlara degişli dersleri iňlis dilinde okatmagyň innowasion usullary, Türkmenistanyň bilim ulgamyndaky halkara hyzmatdaşlykda ýetilen sepgitler, bilimiň sanly gurşawyny emele getirmek hem-de innowasion bilim tehnologiýalaryny ornaşdyrmak ugrunda ýerine ýetirilmeli işler barada giňişleýin aýdyldy.

Maslahat bilen ugurdaş Gahryman Arkadagymyzyň we Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň kitaplarynyň, talyp ýaşlaryň dürli bäsleşiklerdir olimpiadalarda we sportda gazanan üstünlikleriniň hem-de milli amaly-haşam sungatynyň gymmatlyklarynyň sergisi guraldy.



Maslahatyň ahyrynda oňa gatnaşyjylar Garaşsyz Watanymyzy ösüşiň täze belentliklerine tarap bedew bady bilen alyp barýan Gahryman Arkadagymyzyň we Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň janlarynyň sag, ömürleriniň uzak, il-ýurt bähbitli, dünýä ähmiýetli beýik işleriniň hemişe rowaç bolmagyny arzuwlap, hormatly Prezidentimiziň adyna Ýüzlenme kabul etdiler.

**«Türkmen uniwersiteti».**

# Halkara hyzmatdaşlykda täze gözýetimler

Golaýda Magtymguly adyndaky Türkmen döwlet uniwersitetiniň, Halkara ynsanperwer ylymlary we ösüş uniwersitetiniň, Türkmenistanyň Daşary işler ministrliginiň Halkara gatnaşyklary institutynyň,



Türkmenistanyň Telewideniýe, radiogepleşikler we kinematografiýa baradaky döwlet komitetiniň hünärmenlerinden düzülen türkmen wekiliýeti Kanadada iş saparynda boldular. Saparyň esasy maksady ýokary okuw mekdepleriniň hem-de teleýaýlymlaryň arasynda hyzmatdaşlygy ösdürmekden, degişli ugurlar boýunça tejribe alyşmakdan, bilelikdäki täze taslamalary maslahatlaşmakdan ybarat boldy. Onuň dowamynda türkmen wekiliýeti Kanadanyň öňdebaryjy uniwersitetleriniň okuw-usuly işleri bilen tanşyp, žurnalistika, media tehnologiýalary we maglumat serişdeleriniň dolandyrylyşy ýaly ugurlar boýunça tejribe alyşdylar.

Kanadanyň Monreal uniwersitetiniň hormatly professory, Kanada Korollyk jemgyýetiniň agzasy, professor Taýeb Hafsi bilen geçirilen duşuşykda emeli aň, döredijilik hem-de innowasiýa ugurlary boýunça hyzmatdaşlygy ýola goýmak barada pikir alşyldy. Talyplary alyşmak, bilelikdäki ylmy-barlag taslamalaryny, bilim bermek we okuw işini guramak babatda iň gowy tejribeleri durmuşa ornaşdyrmak hyzmatdaşlygy mundan beýläk-de ösdürmegiň esasy ugurlary hökmünde bellenip geçildi. Kanadanyň Monreal uniwersiteti bilen Türkmenistanyň uniwersitetleriniň arasynda hereketleriň bilelikdäki meýilnamasyny taýýarlamak boýunça hem pikir alşyldy.

Türkmen wekiliýeti saparyň dowamynda Kanadanyň milli teleradioýaýlym korporasiýasynyň (CBC) halkara gatnaşyklar meselelerine jogapkär ýerine ýetiriji direktory jenap Jon Medlain bilen hem duşuşdy. Birleşen Milletler Guramasynyň Suw serişdeleri, daşky gurşaw we saglyk boýunça institutynyň direktory, professor Kaweh Madani, Halkara Biznes Departamentiniň professorlary bilen-de duşuşyk geçirildi. Duşuşyklaryň dowamynda telewideniýe, žurnalistika, metbugat, aragatnaşyk, dolandyryş, emeli aň boýunça okatmagyň döwrebap usullary, aýratynlyklary, sanly maglumatlaryň ulanylyşy we bu ugurda hyzmatdaşlygy ýola goýmak, ösdürmek ýaly meseleler ara alnyp maslahatlaşyldy. Şeýle hem Halkara parahatçylyk we ynanyşmak ýylynda Türkmenistanyň hemişelik Bitaraplygynyň 30 ýyllygy mynasybetli geçirilýän çäreler barada maglumat berildi.

Saparyň dowamynda ýurtlaryň arasyndaky bilim ulgamynda hyzmatdaşlygy ösdürmek, teleýaýlymlarda işleýän hünärmenler üçin gysga wagtlyk okuwlary guramak, žurnalistika babatda tejribe alyşmak we talyplar üçin halkara derejeli okuw sapaklaryny guramak boýunça başlangyçlar öňe sürüldi.



Ýurdumyzda hünärmenleriň dünýä tejribelerini öwrenmekleri üçin giň mümkinçilikleri döredip berýän Gahryman Arkadagymyzyň, Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň janlary sag, belent başlary aman, tutumly işleri hemişe rowaç bolsun!

**Halmyrat ÝUWŞANOW,**
**Magtymguly adyndaky Türkmen döwlet uniwersitetiniň žurnalistika kafedrasynyň müdiri.**

# Bagtyýar talyp ýaşlaryň ýürek buýsançlary

**Selbi NURÝAGDYÝEWA,**
türkmen dili we edebiýaty fakultetiniň türkmen dili we edebiýaty hünäriniň I ýyl talyby:

— Her bir mekdep uçurymy özüniň geljekki durmuş ýoluny ýaşlykda arzuwlan hünärinden gözleýär. Bu hem öz hünäriniň hakyky eýesi bolup kemala gelmeginde mynasyp orny eýeleýär.
Gahryman Arkadagymyzyň we Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň türkmen halkynyň şöhratly taryhyny, meşhur we taryhy şahsyýetlerini, milli mirasyny öwrenmek barada döredip berýän giň mümkinçilikleri mende Aşgabat şäheriniň 92-nji orta mekdebinde okaýan döwrümden bäri türkmen diline we edebiýatyna uly gyzyklanma döretdi. Halkymyzyň şöhratly taryhyna bolan gyzyklanmam esasynda dürli derejeli ders bäsleşiklerine gatnaşyp, baýrakly orunlary eýeledim. 2022-nji ýylda «My city, city for life in the Isfahan international painting competition» halkara döredijilik bäsleşiginde 1-nji orna, 2023-nji ýylda Türkmenistanyň Magtymguly adyndaky Ýaşlar guramasynyň Merkezi Geňeşiniň Gulbaba adyndaky Çagalar baýragyna mynasyp boldum.
Biz— ýaşlar babatda ýurdumyzda Gahryman Arkadagymyz we Arkadagly Gahryman Serdarymyz tarapyndan köp tagallalar edilýär. Ýurdumyzyň geljegi bolan ýaşlara bilim bermegiň täze gözýetimini nazarlamak bilen, olaryň öňünde täze-täze wezipeler dur.
Garaşsyz, hemişelik Bitarap Türkmenistan Watanymyzy ösüşiň täze belentliklerine alyp barýan türkmen halkynyň Milli Lideri Gahryman Arkadagymyza we hormatly Prezidentimiz Arkadagly Gahryman Serdarymyza tüýs ýürekden hoşallygymy bildirýärin!



**Kerem BABAGELDIÝEW,**
fizika fakultetiniň fizika hünäriniň I ýyl talyby:

— Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe ýaşlar baradaky alada döwletimizde ileri tutulýan ugurlaryň biridir. Biz—bagtyýar ýaşlar alym Arkadagymyzyň we hormatly Prezidentimiziň bu aladalaryny doly duýup, eşretli durmuşda ýaşaýarys.
Men Ahal welaýatynyň Ak bugdaý etrabynyň takyk ugurly we iňlis dili okuw derslerini çuňlaşdyryp öwredýän ýöriteleşdirilen 45-nji orta mekdebini tamamlap, 2025-nji ýylda ýurdumyzyň baýry ýokary okuw mekdepleriniň biri bolan Magtymguly adyndaky Türkmen döwlet uniwersitetiniň bagtyýar talyby boldum.
Men mekdepde okaýan döwrümde Türkmenistanyň Bilim ministrligi tarapyndan geçirilen «Altyn asyryň altyn zehinleri» atly ders bäsleşigine birnäçe gezek gatnaşyp, etrap, welaýat derejesinde üstünlikli çykyş etdim. Bäsleşigiň döwlet tapgyrynda fizika dersi boýunça 2024-nji ýylda 3-nji, 2025-nji ýylda 2-nji orunlara mynasyp boldum. Şeýle-de Seýitnazar Seýdi adyndaky Türkmen döwlet mugallymçylyk instituty



tarapyndan 2025-nji ýylda geçirilen okuwçylaryň IV internet olimpiadasyna gatnaşyp, 3-nji orny eýeledim. Şonuň ýaly-da, Türkmenistanyň Inžener-tehniki we ulag kommunikasiýalary institutynyň fizika dersi boýunça geçiren internet bäsleşiginde hem 2024-nji hem-de 2025-nji ýyllarda ýeňiji boldum.
Biz—talyp ýaşlar hemişe Gahryman Arkadagymyzyň we Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň wesýetlerine wepaly bolup, geljekde ylymly, bilimli, giň dünýägaraýyşly ýaş hünärmenler bolup kemala geljekdigimize ynandyrýaryn!

**Mähriban KAKAMYRADOWA,**
fizika fakultetiniň radiofizika we elektronika hünäri boýunça I ýyl talyby:

— Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe ýurdumyzda bilim ulgamynda amala aşyrylýan özgertmeler, durmuşa geçirilýän beýik işler biz ýaşlary täze üstünliklere ruhlandyrýar.
Halkara parahatçylyk we ynanyşmak ýyly meniň üçinem arzuwlarymyň hasyl bolan ýylyna öwrüldi. Maňa bu ýyl



Magtymguly adyndaky Türkmen döwlet uniwersitetiniň talyby bolmak bagty miýesser etdi. Özüme bildirilen bu belent ynamy saýlan ugrum boýunça sapaklara ýokary hilli ýetişigim, geljekde gatnaşjak ders bäsleşiklerinde gazanjak belent netijelerim bilen ödärin.
Men okuwçy döwrümden bäri fizika dersi bilen gyzyklanyp gelýärin. Dürli ýyllarda «Altyn asyryň altyn zehinleri» atly ders bäsleşiklerinde etrap, welaýat hem-de döwlet tapgyrlarynda ýeňiji bolmagy başardym. Şeýle hem şu ýyl «Asian Physics Olympiad» atly ders bäsleşiginde altyn medala mynasyp boldum.
Goý, Gahryman Arkadagymyzyň we Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň janlary sag, ömürleri uzak, belent başlary aman bolsun, il-ýurt bähbitli, umumadamzat ähmiýetli işleri hemişe rowaçlyklara beslensin!

**Arslan JÖWHEROW,**
maglumat tehnologiýalary fakultetiniň amaly matematika we informatika hünäriniň I ýyl talyby:

— Hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedowyň geljegi nazarlaýan beýik başlangyçlary ýurdumyzda ýaşlaryň ylym-bilimli, giň dünýägaraýyşly bolmagy üçin ähli amatlyklary döredýär.
Halkara parahatçylyk we ynanyşmak ýylynda maňa-da Magtymguly adyndaky Türkmen döwlet uniwersitetiniň talyby bolmak bagty miýesser etdi. Türkmen halkynyň Milli Lideriniň döwletli başlangyçlaryny mynasyp dowam edýän hormatly Prezidentimiz ýaşlaryň başarnygy, zehini bilen özlerini görkezmeklerine giň mümkinçilik döretdi. Şanly ýylda özüm ýaly ýaşlaryň müňlerçesiniň ýurdumyzyň ýokary we orta hünär okuw mekdepleriniň talyby bolmak bagtyna eýe bolmagy hem munuň aýdyň



subutnamasydyr. Hünär öwrenmek, belli bir käriň eýesi bolmak — ýaşlyk ýyllarynda islendik ynsanyň öňünde goýýan baş maksady.
Bize okamaga, hünär öwrenmäge ähli mümkinçilikleri döredip berýän, halkymyzy rowaçlyklaryň ak ýolundan röwşen geljege sary ynamly alyp barýan Gahryman Arkadagymyza, Arkadagly Gahryman Serdarymyza talyp ýüregimizden köp sagbolsun aýdýarys!

**Güljemal SÄDIÝEWA,**
roman-german we gündogar dilleri fakultetiniň rus dili we edebiýaty hünäriniň I ýyl talyby:

— Halkara parahatçylyk we ynanyşmak ýyly meniň üçin şowly ýyllaryň biri boldy. Çünki bu ýylda çagalykdan ýüregimde beslän arzuwym hasyl boldy, maňa Magtymguly adyndaky Türkmen döwlet uniwersitetiniň talyby bolmak miýesser etdi. Şeýle bagta mynasyp bolan talyp deň-duşlarymyň buýsançlarynyň çägi ýok. Bu hemme ýaşlar üçin uly bagt.
Biz her bir ädimde Gahryman Arkadagymyzyň, Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň ýaşlar barada edýän bimöçber tagallalaryny duýup ýaşaýarys. Döwrüň iň ösen tehnologiýalary bilen enjamlaşdyrylan bu ýokary okuw mekdebinde bize dünýäniň öňdebaryjy tejribe usullary arkaly bilim almaga ähli mümkinçilikler döredilen. Dynç günlerimizde paýtagtymyzyň gözel ýerlerine, medeni ojaklaryna gezelenç ederis.
Talyp deň-duşlarymyň ählisiniň kalbynda Milli Liderimize, döwlet Baştutanymyza bolan çäksiz hoşallyk, alkyş sözleri bar. Men hem okamaga, kämil hünärmen bolup ýetişmäge giň mümkinçilikleri döredýän Gahryman Arkadagymyza, Arkadagly Gahryman Serdarymyza jan saglyk, uzak ömür, alyp barýan il-ýurt bähbitli işlerinde uly-uly rowaçlyklary arzuw edýärin!



**Ýagmyr PÄLIWANOW,**
maglumat tehnologiýalary fakultetiniň amaly matematika we informatika hünäriniň I ýyl talyby:

— Gahryman Arkadygymyzyň, Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň alyp barýan geljegi nazarlaýan oňyn başlangyçlary esasynda ýurdumyzda ýaş nesil hakda edilýän aladalar, amala aşyrylýan özgertmeler halkymyzy, şol sanda, biz ýaşlary täze üstünliklere ruhlandyrýar. Halkara Parahatçylyk we ynanyşmak ýylynda maňa-da ýurdumyzyň baýry ýokary okuw mekdebiniň talyby bolmak miýesser etdi.
Men mekdepde okaýan döwürlerim dürli bäsleşiklere gatnaşyp, ýeňiji boldum. Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwrüniň talyby bolmak has-da buýsandyryjy. Meniň begenjimiň çägi ýok. Geljekde hem



biz—ýaşlardan edilýän ynamy ödäp, gijämizi gündiz edip okarys.
Biz — ýaşlaryň ýokary tehnologiýalar bilen üpjün edilen bilim ojaklarynda bilim-ylym öwrenip, kämil ynsan bolup ýetişmegimiz üçin giň mümkinçilikleri döredip berýän türkmen halkynyň Milli Lideri Gahryman Arkadagymyza, Arkadagly Gahryman Serdarymyza köp-köp sagbolsun aýdýarys!

**Leýli DÖWRANOWA,**
maglumat tehnologiýalary fakultetiniň amaly matematika we informatika hünäriniň I ýyl talyby:

— Şu ýyl durmuşymda ýatdan çykmajak ýyllaryň biri boldy. Halkara parahatçylyk we ynanyşmak ýylynda talyp bolmak bagty maňa-da miýesser etdi. Çyn ýürekden edilen yhlaslar islendik ynsany hem bagtly pursata ýetirýär. Talyplyk ýyllarymyz hem iň bir ýatda galyjy



pursatlary bilen ömrümize öwüşgin çaýar. Geljekde ukyp-başarnygymy, bilim derejämi artdyryp, bar ünsümi saýlap alan hünärimi kämilleşdirmäge gönükdirmek isleýärin.
Watanyň geljekki ykbalyny biz — ýaşlara ynanýan Gahryman Arkadagymyz hem-de hormatly Prezidentimiz okamaga, öwrenmäge ähli şertleri döredip berdi. Diýmek, bize diňe ýeňişli menziller garaşýar.
Saýlap alan hünärim boýunça bilimimi artdyryp, ata Watanymyzyň ösüşlerine mynasyp goşant goşjak ýaşlaryň biri bolup ýetişjekdigime ynandyrýaryn. Biziň okamagymyz, öwrenmegimiz üçin bimöçber alada edýän Gahryman Arkadagymyzyň hem-de hormatly Prezidentimiziň janlary sag, ömürleri uzak bolsun, il-ýurt bähbitli tutumly işleri elmydama rowaçlyklara beslensin!



# Talyp kalbynyň joşguny

*BUÝSANÇNAMA*

Tagzym edip bir ynanja, ygrara,
Ýollar açyk haýyr işe ugrana,
Ertirleri aýdyň, geljek nurana,
Her bir güni toý-baýrama beslenen,
Bitarap, berkarar ýurduň nesli men.

Bitaraplyk – berk binýady halkymyň,
Garaşsyzlyk—göz guwanjym, ýalkymym,
Behişt nury düşen, Hakdan ýalkanan,
Mukaddesdir, keramatdyr mesgenim,
Bitarap, berkarar ýurduň nesli men.

Pyragynyň çoh garaşan eýýamy,
Berkarar ýurt daýym arzuw eýläni,
Bu gün haýran edip bütin dünýäni,
Parahatlyk sazyn çalyp seslenen,
Bitarap, berkarar ýurduň nesli men.

Arkadagly Serdarymyz – arkamyz,
Arşa galýar abraýymyz, sarpamyz,
Kalbymyz umytly, nurly ertämiz,
Mundan gaýry özge bagty islemen,
Bitarap, berkarar ýurduň nesli men.

**Nurgözel ÝAZBERDIÝEWA,**
**roman-german we gündogar dilleri fakultetiniň V ýyl talyby.**

WATAN

Eger ynam bolsa Watanym senden,
Okap dörederin ylymlardan dag.
Çünki ylym bilen öňe saýlanmak,
Biziň düýnümizde, kökümizde bar.

Şükür, eziz ülkäm öz talybyň men,
«Diňe, öňe!»diýen şygara uýýan.
Arkadagyň, Arkadagly Serdaryň
Halky üçin çekýän zähmetin duýýan.

Baýdagyma gurban, adyňa gurban,
Gurban dost-dogana açyk ýoluňa.
Ertirlerim üçin edýän aladaň,
Gün kimin nur çaýýar ýörän ýoluma.

Hakly men goýnuňda waspyň ýazmaga,
Talyp adyn berdiň ynama baglap.
Ejizlikden akmaz gözümden hünji,
Öllener didelem şatlykdan aglap.

Saňa bolan söýgim sygmaz kükrege,
Janym sen, şanym sen, barlygym Watan.
Hiç bir zat taý gelmez ene topraga,
Dürdendir, zerdendir topragyň Watan.
Gürsüldär seň bilen kükregim Watan.

**Aýna JUMAGELDIÝEWA,**
**maglumat ulgamlary we tehnologiýalary fakultetiniň I ýyl talyby.**

SÄHRAM

**Hydyr gören ýerler – mele topragym,**
**Saňa tagzym edýän mukaddes saýyp.**
**Sende bitýän ot-çöplerem, ýapragam,**
**Görküňe görk goşýar şeýle ajaýyp.**

**Dört pasylda dürli reňke beslenýär,**
**Her pasylyň üýtgeşik bir mähri bar.**
**Gök asmanda ak kepderi seslenýär,**
**Gözel ýerler olar üçin mähriban.**

**Gözel sähram gözelligňe haýran men,**
**Senden ylham alýar her bir setirim.**
**Hol kiçijik daşdan belent daga çen,**
**Hyýaldaky arzuwlaryma ýetirer.**

**Baýramberdi GELDIMYRADOW,**
**žurnalistika hünäriniň I ýyl talyby.**



HYÝAL

**Janym, meni bagryňa bas,**
**Üşär ýürek aýrylaýsa.**
**Goraweri hijrandan,**
**Menden ýowuz ar alaýsa.**

**Aýralyga dözmän, belki,**
**Çüwen bagtym saralaýsa.**
**Ýüregimi awundyryp,**
**Bir rehimsiz paralaýsa.**

**Sensiz gyşlaň gyrawyndan**
**Gara saçlam agaraýsa.**
**Gündizim tüme öwrüler,**
**Bagt bizi alalaýsa.**

**Besdir maňa köýen arzuw**
**Sähelçejik çalaraýsa.**
**Toýumyz Marsda tutulsyn,**
**Eger bagt çagyraýsa.**

**Mukam BEKGYLYJOW,**
**türkmen dili we edebiýaty hünäriniň III ýyl talyby.**



## SAŇA

Göýä sen ýok bolsaň durjak deý dünýe,
Ömürlik baglandym, ezizim saňa.
Geljege bakaly garaman düýne,
Ömürlik baglandym, ezizim saňa.

Ýadymdan çykanok ilki duşuşyk,
Aljyraňlyk içim bürär üýtgeşik.
Gelsin bagtym sen bagtyňa utgaşyp,
Ömürlik baglandym, ezizim saňa.

Islemerin asla dünýe-malyňy,
Ýeterlikdir bezäp dursaň ýanymy.
Ýalňyz goýup, ýakma meniň janymy,
Sebäbi baglandym, ezizim saňa.

Kä sözlere rugsat bermez edebim,
Söýginiň öňünde başym egerin.
Garaş, maňa duşuşyga gelerin,
Ömürlik baglandym, ezizim saňa.



**Göwher ŞYHBERDIÝEWA,**
**žurnalistika hünäriniň I ýyl talyby.**

# Ojakdan uçan durnalar...



Nobatguly REJEBOW.

TALYP AÝDYMY

Talyplyk ýyllary – ajaýyp ýyllar
Ömrümiziň uçmah ýaly döwri sen.
Kitap yza kitap açýan juwanlar
Ertir ýurduň danasyna öwrüler.

Tolkun-eý! Owsun-eý, ylym ummany!
Göwnümiz-de umman bolup joş urýar.
Talyplyk ýyllary – owadan ýyllar
Dosty dosta, ýary ýara duşurýar.

Dünýä synag, durmuş synag, ýol synag,
Güýçlüler güýçlener, ejizler synar,
Pynhan syryn açyp dumanly dünýä,
Röwşen gelejegimiz aýdyň görünýä.

Talyplyk ýyllary – hesretli ýyllar
Bagş eýleýär paýhas, genji-känini.
Tolkun-eý! Galkyn-eý, ylym ummany,
Urul gomdan goma «akyl gämisi».

***

Iň ajaýyp şygrym ýazylman galar,
Sebäp, iň gowy gyz duşanok häli,
Sebäp indi duşanda-da giç bolar.

Iň ajaýyp syrym ýaýylman galar,
Sebäp dostlarym-a ýuka ýürekli,
Sebäp, duşmanlarym juda birehim

Atajan ANNABERDIÝEW.

BAGT DIÝLENDE

Gök köýnegiň ýaz şemaly ýalydy,
Diňe sendiň şol ýazlaryň gelşigi.
Men henizem göz öňüne getirýän
Gök otlaň çyglary seçeläp, seniň
derýaň kenaryna ylgap gelşiňi.

Seniň gerdenlerňe dökülip duran
Melemtil saçlaryň togar-togardy.
Şol gijeleň Aýam köne harazyň
Aňyrsyndan lowlap-lowlap dogardy.

Diýerdim men seni basyp bagryma:
«Tizläli-le toýy, ýa sen garşymy?»
Sen aýaňy dodaklarma goýardyň,
Geň görýän deý ölüp-öçüp barşymy.

Hem diýerdiň synlap gumak ýollary:
«Haýsyka bulary bagta ýetirýän?»
Men-ä şindem bagt diýlende bir seni,
Diňe seni göz öňüne getirýän.

***

Gelmez mundan çykyp giden,
Ýaşaň siz ýada salyň-da.
Ýyldyrym men çakyp giden,
Göz açyp-ýumar salymda.

Gelşim ýaly geçip gitdim,
Garpyşyp, kän bir itişmän.
Il gördi, men öçüp gitdim,
Hiç zat görmäge ýetişmän.





Mämmetnazar BABANAZAROW.

GÜÝZ DUÝGULARY

Baglar ýanýar seň toýuňda,
Tylla monjuk ak boýunda.
Agaçmy, hol ýap boýunda,
Äpet sary gülmükä ýa?!

Kaddyň oýa batan gelin,
Enä meňzeş açyk eliň.
Ýygnaýany pessaý yeliň
Güýz goýalan balmyka ýa?!

Göwnüýarym, näzikbeden,
Şahalary egip giden.
Bu başyma degip giden
Ýaprakmyka, elmikä ýa?!

Ýene bulut düýrüm-düýrüm,
Ezil göwnüm, ezil müýnüm.
Bu aglaýan senmi güýzüm,
Ýa şolmuka, şolmuka ýa...

NÄRAZY BOLMA

Ol geçen günlerden närazy bolma,
Bu bahar seniňki, ýylgyr ýazyňa.
Ýagmazak bulut deý saralyp, solma,
Aglamany namys bilip özüňe.

Şygyrdy eşitseň, tisginme, olar
Gapyňyza gurap gaçan ýaprakdyr.
Baglara jan girer, guş-gumry geler,
O günleriň welin geçeni hakdyr.

Herhal bir-biregi sakladyk tämiz,
Müýnsüz gül, aglaber gussa gelende.
Söýgä düşünýänler gülýändir kämil,
Aglaýandyr nämedigni bilenler.




Ilkinji söz, ilkinji tolgunmalar, ilkinji «hawa». Ilkinji duşuşyk. Ilkinji gezek söýüp görmegiň ilkinji heserleri, duýgulary, uçgunlary. Şol janalyjy, jadylaýjy bakyşlaryň beýniden kese sowlup baraga-da, ýürege täsir edişi. Ak kagyza nagyş kimin çekilen hüýr ýüzli gyzyň portreti. Oňa aşygyň gözleri bilen bakyp, wagtyň geçenini-de duýman galmazlyk. Ebedi soňlanmajak ýaly söýgi oduny kalbyňda köretmeklik. Şol oduň hasabyna barha köwsarlaýan gara gyşyň şemalyny pisint etmezlik. Bir owuç gussa, bir owuç şatlyk. «Seredýärmikä?» diýip, sereden wagtyň, nazarlaryň kaklyşmasy. Aýylganç derdiň döremegi — gabanmaklyk. Şol derdiň beýnide bir topar bolgusyz sowallary emele getirmegi: «Görmegeý ýigitlere garaýşy nähili? Olar bilen gülüşýärmi? Olara bakyşy bilen maňa bakyşy deňmi?» Telefon arkaly söhbetdeşlik. Gamgynja hem hiç neneň bolmadyk goşgulary gizlinje, pessaý ses bilen okap bermek. Jykyrdylar, jedirdiler, arzuwlar, wadalar, ant içip awy ýalamalar. Birek-birege söýgi sinonimlerini aýdyşmak. Ýatlamalara baý bolan on iki ýylyň soňlanmagy. Hoşlaşyk. Watan goragy. Hasrat, küýseg. Jaňdaky söhbetler. Ýatlamalary ýatlaşmak. Serhediň bu çetinde Watan goragynda duryarkaň, başga bir çetde seniň üçin senden başga ýene biriniň ýaşaýandygyny ýadyňa salyp, öwüsýän sergin şemala bimany ýylgyryp goýbermek. Hasratly günleriň soňlanmagy. Gowuşmak. Adaty günleriň dolanyp gelendigine begenip ýetişmänkäň, maşgala hökümdarlarynyň öýermek islegleri. Garşy çykmak. Içiňdäki ýokary okuwa bolan höwesiň sönüp gitmezligi üçin janygyp aýdýan gürrüňleriň, gepleriň olar üçin gybat kimin eşidilip, gulaklarynyň ýele ýanyndan geçirilmegi. Bagt — söýen gyzyňy almak. Ömrüň iň galagoply hem rahat günüň — toý günüň. Hakyň ýolundaky hakyky durmuşyň başlanmagy. Ile garyşmak. Söwer ýaryňdan ilkinji nesliň önmegi. «Gyzym bolsa» diýip, hyýalyňda ençeme ýola arzuwlan «arzuw gämiň» «göwün portuna» ýetendigini görüp, garjaşyk hem geň-enaýy duýgularyň basmarlamagy. Kaka bolmak duýgusy. Ýazylmadyk kanunlara boýun egip, onuň öňündäki borçlaryňy birkemsiz ýerine ýetirmek. Onuň dilinden eşiden ilkinji «kaka» sözüň. Taryplap bolmajak ýakymly täsirler. Seni söýýän ynsanlaryň köpelmegi. Wagtyň ýowuz edähedi bilen ömrüň kerweniniň geçip gidişini synlamak. Perzentleriňi bagtyna gowşuryp, hersini öýli-işikli etmek. Seni hemişe ýaşaýşa hyjuwlandyrýan, gubarlan göwnüň şähdini açýan, gamgyn, tukat bolmaga pursat döretmeýän ýar saýlanyňa ýalňyz başyňa çaý içýän pursatyň monça bolup, ýüzüň ýagtylmagy. Öz-özüňden hoşal bolmak. Biliň bükülip, gartaňlan çagyň seniň oýnuňa-çynyňa düşünjek, yzyňy ýygnajak şol ýaryňa ýene ho-ol ilkinji bakan gözleriň bilen bakmak. Ata bolmak. Howlynyň derwezesinden «ata-ata» diýşip, ylgaşlap gelýän agtyklaryňa sekide ýatan ýeriňden buýsanyp seretmek. Olary atalyk mährinden gandyrmak. Nesliň dowamatyna galkynmak. Aksakgal goja bolup, iliň-günüň toýuna-ýasyna gatnaşmak. Iliň-günüňem seniň ýasyňa gatnaşmaklary. Soňky demiňde «Wah, şuny şeýtsedim» armanynyň bolmazlygy, ahmyr çekmezlik...

**Bazar ANNAÝEW,**
**türkmen dili we edebiýaty hünäriniň IV ýyl talyby.**

# NOBEL BAÝRAGY BARADA




Her ýylda dürli ugurlar boýunça gowşurylýan baýraklaryň birnäçesinden biz habarlydyrys. Ýöne şolaryň hem iň naýbaşylarynyň hatarynda, ilki bilen, göz öňümize Nobel baýragy gelýär. Geliň, häzir şol baýragyň döreýiş taryhy we berliş ugurlary hakynda birnäçe maglumatlar bilen tanyş bolalyň!

Bu baýrak 1895-nji ýylyň 27-nji noýabrynda Alfred Nobeliň ýogalmagy we şol aýyň 30-yna onuň wesýetnamasynyň okalmagy bilen, şonuň esasynda, 1901-nji ýylda ilkinji gezek aýratyn kişilere we guramalara himiýa, fizika, edebiýat, parahatçylyk, fiziologiýa ýa-da saglygy goraýyş ugurlary boýunça adatdan daşary üstünlikler üçin berlip başlandy. Soňra 1968-nji ýylda Şweriges Riksbank we Şweýsariýa merkezi bankynyň ýurduň ykdysady ösüşine goşan goşantlary üçin ilkinji gezek ykdysadyýet ulgamynda-da baýraklar gowşurylmaga başlandy.

Baýraklaryň her görnüşi aýratyn bir gurama tarapyndan berilýär. Mysal üçin, Şwesiýanyň Korollyk Ylymlar Akademiýasy fizika, himiýa, ykdysadyýet ugurlary boýunça, Karolinska instituty fiziologiýa ýa-da saglygy goraýyş ugurlary, Şwesiýa Nobel komiteti bolsa edebiýat ugry boýunça baýraklary gowşurýar. Norwegiýa parlamenti tarapyndan Şweýsariýa ylymlar akademiýasyndan saýlanan 5 adamdan ybarat topar bolsa, parahatçylyk ugry boýunça Nobel baýragyny gowşurýar. Bu abraýly baýragy gazanan kişi ýa-da guramalar aýratyn medallar, diplomlar, pul baýraklary (11 million şwed krony — 1,1 amerikan dollary) bilen sylaglanýar.

Häzire çenli bu baýragyň eýeleri 1000-e golaýlady. Şeýle hem, bu baýraga mynasyp görlüp, alyp bilmedik alymlaryň hem birnäçesi bar. Olardan Rihard Kun (himiýa, 1938), Adolf Butenandt (himiýa, 1939), Gerhard Domagk (fiziologiýa ýa-da saglygy goraýyş, 1939) ýaly alymlary agzap bolar. Mundan başga-da Boris Pasternak (edebiýat, 1958), Žan-Paul Sartr (edebiýat, 1964) we Le Dyk Tho (parahatçylyk, 1973) dagy bu baýragy almakdan boýun gaçyrdylar.

Halkara Gyzyl Haç guramasy häzire çenli bu baýraga 3 gezek mynasyp bolup, iň köp Nobel baýragyny özünde saklamak hormatyna eýedir.

Bu baýraklaryň eýeleriniň arasynda zenanlaryň hem bardygyny bellemek gerek. Hususan-da, Mariýa Kýuriniň iki gezek (fizika — 1903ý., himiýa — 1911ý.) gazanmagy, onuň Nobel baýragynyň we ylmyň taryhynda hormata mynasypdygynyň görkezijisi bolup durýar.

Nobel baýragynyň daşky sebäpler ýa-da dalaşgäriň ýoklugy sebäpli berilmedik ýyllarynda pul baýraklary şol baýragy bermäge hukukly guramanyň gaznasyna tabşyrylýar.

***Taýýarlan Ilmyrat BABAÝEW, žurnalistika hünäriniň IV ýyl talyby.***

## Futbol täzelikleri

### ILDEŞLERIMIZIŇ GARŞYDAŞLARY BELLI BOLDY

**15-nji awgustda** Malaýziýanyň Kuala-Lumpur şäherinde AFK-yň ikinji derejeli Çempionlar ligasy ýaryşynyň toparçalaýyn tapgyrynyň bijeleri çekilip, onda ýurdumyza wekilçilik etjek «Arkadag» hem-de «Ahal» toparlarynyň garşydaşlary belli boldy. Bijeleriň




netijelerine laýyklykda, ýurdumyzyň hem-de AFK-yň Çagyryş ligasynyň häzirki çempiony «Arkadag» futbol kluby «B» toparçada Kataryň «Al-Ahli», Özbegistanyň «Andijan», we Bahreýniň «Al-Haldiýa» toparlary bilen göreşse, «Ahal» futbol kluby bolsa «C» toparçada Eýranyň «Sepahan», Iordaniýanyň «Al-Husseýin» hem-de Hindistanyň «Mohun Bagan» klublary bilen güýç synanyşar.

16-njy sentýabrda Hindistanyň «Mohun Bagan» futbol kluby ýurdumyzyň «Ahal» futbol klubyny kabul etse, 17-nji sentýabrda «Arkadag» futbol kluby öz meýdançasynda Özbegistanyň «Andijan» futbol klubyny kabul eder.

AFK-yň ikinji derejeli Çempionlar ligasy ýaryşynyň toparçalaýyn tapgyrynda öz toparçasynda birinji we ikinji orny eýelän klublar indiki tapgyra ýollanma alarlar.

### «ALTYN ASYR» AFK-yň ÇAGYRYŞ LIGASYNYŇ TOPARÇALAÝYN TAPGYRYNDA

**28-nji awgustda** Malaýziýanyň Kuala-Lumpur şäherinde AFK-yň Çagyryş ligasynyň toparçalaýyn tapgyrynyň bijeleri çekildi. Biziň ýurdumyza wekilçilik edýän aragatnaşykçylaryň «Altyn asyr» futbol klubynyň hem garşydaşlary belli boldy. Netijede, «Altyn asyr» «Günbatar» zolagyň «A» toparçasynda Omanyň «Al-Şabab», Butanyň «Paro» we Gyrgyz Respublikasynyň «Abdyş-Ata» toparlary bilen duşuklary geçirer. Toparçanyň duşuşyklary 25—31-nji oktýabr aralygynda merkezleşdirilen görnüşde Butanda geçiriler.




Maglumatlara görä, toparçalaýyn tapgyryň jemleri boýunça «Günbatar» zolakdaky üç toparçanyň ýeňijileri we iň gowy ikinji ornuň eýesi, şeýle-de «Gündogar» zolakdaky iki toparçada deslapky iki orny eýelän toparlar çärýek finala gatnaşmaga mümkinçilik gazanarlar.

### NAÝBAŞY KUBOGYŇ NAÝBAŞY EÝESI

**14-nji awgustda** Italiýanyň Udine şäherinde Ýewropanyň Çempionlar ligasynyň soňky çempiony «PSŽ» bilen Ýewropa ligasynyň ahyrky çempiony «Tottenhemiň» arasynda UEFA-nyň Naýbaşy kubogyny eýelemek ugrunda ýiti göreş boldy.

«Tottenhem» futbol kluby Mikki wan de Weniň hem-de Kristian Romeronyň




gollary bilen öňe saýlanmagy başaran hem bolsa, oýnuň 85-nji minutynda «PSŽ»-niň ýarym goragçysy Li Kan In garşydaşynyň derwezesine bir jogap topuny geçirmegi başardy. Bu goldan soň köp wagt geçmänkä parižlileriň hüjümçisi Gonsalu Ramuş oýnuň ikinji ýarymynyň goşmaça wagtynda hasaby deňlemegi başardy.

UEFA-nyň Naýbaşy kubogynynyň geçiş düzgünine görä, toparlar oýnuň esasy wagtyndan soňra 11 metrlik urgularyň esasynda ýeňijini anykladylar. Şeýlelikde, 4:3 hasabynda garşydaşyndan üstün gelmegi başaran «PSŽ» öz taryhynda ilkinji gezek UEFA-nyň Naýbaşy kubogyny eýeledi. Ýene-de bir bellemeli ýagdaý, ol hem «PSŽ» bu futbol möwsüminde Luis Enrikeniň tälimçilik etmeginde 5 sany tituly eýelemegi başardy.

### MLS-iň TÄZE ÝYLDYZY

«Bawariýa» toparynyň ýyldyz oýunçysy Tomas Müller MLS-iň «Wankuwer Waýtkäps» kluby bilen 1,5 ýyllyk şertnama baglaşdy. Germaniýaly 35 ýaşly futbolçy häzirki wagta çenli diňe «Bawariýanyň» düzüminde oýnapdy. 2008-nji ýylda professionallyga ädim äden bu ýyldyz oýunçy münhenlileriň düzüminde jemi 17 möwsümde 756 duşuşykda 250 gol geçirmegi başardy. Ol Germaniýanyň milli ýygyndysynyň düzüminde-de jemi 131 oýunda 45 goly geçirmekligi başardy. Tomas Müller täze toparynda öňki geýen köýnekçesinde, ýagny öz söýgüli 13-lük belgisinde çykyş eder.

### MESSIDEN HEM KÖP AÝLYK ALAR

ABŞ-yň çempionaty bolan MLS-e ýene-de bir ýyldyz oýunçy transfer boldy. «Tottenhem» toparynyň koreýaly ýyldyz futbolçysy Son Hyn Min indi öz karýerasyny «Los Anjeles FK» toparynda dowam eder. Munuň üçin amerikan topary oňa ýyllyk 22 million ýewro hak tölär.

Bu görkeziji çempionatyň rekordyna




deň boldy diýip, internet neşirleri habar berýär. Koreýaly ýyldyz «Tottenhemde» 10 möwsüm oýnap, 454 resmi duşuşykda 173 gol we 101 asist etmegi başardy. Ol bu topar bilen ýeke kuboga – UEFA Ýewropa ligasynyň kubogyny gazandy. Son Hyn Min özüniň täze toparynda edil «Tottenhem» toparyndaky ýaly 7-lik belgidäki köýnekçäni geýer.

**Taýýarlan Magtymguly GURBANOW, türkmen dili we edebiýaty hünäriniň III ýyl talyby.**

«Türkmen uniwersiteti» gazeti

ESASLANDYRYJYSY — MAGTYMGULY ADYNDAKY TÜRKMEN DÖWLET UNIWERSITETI

REDKOLLEGIÝA:
Žurnalistika kafedrasy

Jogapkär redaktor:
Halmyrat ÝUWŞANOW
(žurnalistika kafedrasynyň müdiri).

Edebi redaktorlar:
Mukam BEKGYLYJOW, Aýbölek ARAZGELDIÝEWA
(žurnalistika hünäriniň talyplary).
Tehniki redaktor: Şatly MOMMADOW
(türkmen dili kafedrasynyň mugallymy),
Toýly BABAÝEW
(žurnalistika hünäriniň talyby).

tdu.edu.tm
turkmenuniwersitetitdu@gmail.com